# Söýginiň dowamy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Söýginiň dowamy SÖÝGINIÑ DOWAMY



Uruş juwan gelne ýowuz darady,
Äkitdi elinden söwer ýaryny.
Emma gelniň wepa daňlan söýgisi

Gyşyn maýyl, salkyn etdi yazyny.
Ýassykdaşyň uzap gidýän ömüri-
Ogly sallançakdan atylyp çykdy.
Düşdi bir towsanda döwrüň öňüne,
Enäniň guwanjy gözünden akdy.

Ýyllar geçdi gamçysyny bulaýlap,
Hesret kerweniniň çekip başyny.
Bagt enä nazar etdi-seretdi,
Agtyk söýdi yralap çal başyny.

Öpýär ene agtygynyň ýüzünden,
Ýylysyny berip ýürek-bagrynyň.
Sallançaga salyp,hüwdiläp otyr
Söýgisini gurban bolan ýarynyň.

Şyhymyrat ABDYLLAÝEW. Goşgular